2/1/2019

# “Lä ilähe ilallah” şahadanyň manysy, şertleri.

Türkmenistan

# “Lä ilähe ilallah” şahadanyň manysy, şertleri.

Taýýarlan: Türkmen halk ogly

Ikinji çap.

Ähli soraglary elektron poçtalaryň üsti bilen berip bilersiňiz.

Pygambermirasy1@gmail.com

Kuranwehadys@gmail.com

Başga-da kitap ýüklemek üçin: kuranwehadys.com

# Mazmuny

“Lä ilähe illallah” sözüniň manysy. .......................................................... 3
“Lä ilähä illallah” sözüniň şertleri. ............................................................ 9
“Lä ilähe illallah” sözüniň birinji şerti ...................................................... 11
“Lä ilähe illallah” sözüniň ikinji şerti ........................................................ 12
“Lä ilähe illallah” sözüniň üçünji şerti. ..................................................... 13
“Lä ilähe illallah” sözüniň dördünji şerti .................................................... 14
“Lä ilähe illallah” sözüniň bäşinji şerti ...................................................... 15
“Lä ilähe illallah” sözüniň altynjy şerti ..................................................... 16
“Lä ilähe illallah” sözüniň ýedinji şerti ..................................................... 18
“Lä ilähe illallah” sözüniň sekizinji şerti .................................................... 19
“Lä ilähe illallah” sözüniň dokuzynjy şerti ................................................ 20

# “Lä ilähe illallah” sözüniň manysy.

"Lä ilähe illallah" - bu şaýatlyk dinimiziň aslydyr. Sözleriň iň haýyrlysy, iň peýdalysy, iň sogaplysydyr .

"La ilähe illallah " Yslam dininiň iň esasy rukunidir , imanyň iň möhüm bölegidir .

"La ilähe illallah " Jenneti gazanmagyň ýoludyr, Dowzahdan halas edýän sözdür.

Allahu Tagala "La ilähe illallah" üçin ähli barlyklary ýaratdy, kitaplary inderdi we pygamberleri iberdi. Şonuň üçin dilde aýdylyp, manysyna düşünmezlik bolýan däldir. Sebäbi Allahu Tagala Kurany Kerimde şeýle diýýär:

**"Bilgin (ýagny, öwren) Allahdan başga ybadata hakly hiç bir zat ýokdur"** (Muhammet 19)

**فَٱعۡلَمۡ أَنَّهُۥ لَآ إِلَٰهَ إِلَّا ٱللَّهُ**

Başga-da Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýýär: **"Kim-de kim Allahdan başga ybadata hakly hiç zat ýokdygyny bilip (ýagny, ylmy bar bolup) dünýäden ötse, ol Jennete girer"** (Muslim)

قَالَ رَسُولُ اللهِ صلى الله عليه وسلم:

**"مَنْ مَاتَ وَهُوَ يَعْلَمُ أَنَّهُ لاَ إِلٰهَ إِلاَّ الله دَخَلَ الْجَنَّةَ".**

Keleme şahadady dört arap sözlerinden ybaratdyr:

1) "Lä" - "ýok" diýmekdir.

2) "iläh" - "ybadat edilýän zat" diýmekdir. Islendik bir zada ybadat edilse oňa (iläh) diýilýär.

3) "illa" - "başga" diýmekdir.

4) "Allah" - älem-jahany ýokdan bar eden, ýeke-täk ybadata laýyk ýeke-täk

Robbumyzdyr.

Emma, aslynda bu söz "Lä ilähe hakkun illallah" bolmaly, ýagny, Allahdan başga ybadat edilmäge hakly hiç bir zat ýokdur. Şu aýatda aýdylyşy ýaly: **"Allah hak ilähdir, ondan başga ybadat edilýän zatlar batyldyr"** (Haj 62)

ذَٰلِكَ بِأَنَّ ٱللَّهَ هُوَ ٱلْحَقُّ وَأَنَّ مَا يَدْعُونَ مِن دُونِهِۦ هُوَ ٱلْبَٰطِلُ وَأَنَّ ٱللَّهَ هُوَ ٱلْعَلِيُّ ٱلْكَبِيرُ ٦٢

Ýogsa, "hakkun" sözüni aýyrsak, şeýle many çykýar: "Allahdan başga ybadat edilýän ýok" bu hem beýle däldir, sebäbi gynansakda Allahdan başga ybadat edilýän zatlar kän, (Allah saklasyn!)

Onda näme üçin "hakkun" sözüni goşamzok? Ýagny, "Lä ilähe hakkun illallah" diýemzok?

Sebäbi araplar agzalmasyzdan manysy düşnükli bolýan sözi, sözlemden bozýan ekenler, edil şu hadysdaky ýaly: **"Täretsiz namaz bolmaz"** şu ýerde ýatda bir söz bar, ol hem "dürs" sözi, ýagny: "Täretsiz namaz dürs bolmaz" başga-da şuňa meňzeş aýat-hadyslar kändir. Käbirleri keleme şahadady "Allahdan başga Ýaradyjy, rysk beriji ýok" - diýip düşündirýärler. Hakykatdanam, Allahdan başga Ýaradyjy, rysk beriji ýok ýöne «Lä ilähe illallah» sözüniň manysy bu däldir. Sebäbi araplar Allahdan başga ýaradyjy, rysk beriji bar diýenokdylar, şu aýatdaky ýaly:

**"Aýt olara, Eý, Muhammet asmandan kim size rysk ýagdyrýar ýa-da gulaklary we gözleri kim ýaradyp, gözegçilik edýär we ölüden dirini, diriden ölüni kim çykarýar we älem-jahany kim dolandyrýar? Aýdarlar: Allah, aýt onda (Ony ybadatda birlemezlikden) gorkmaýaňyzmy?!** (Ýunus 31)

قُلْ مَن يَرْزُقُكُم مِّنَ ٱلسَّمَآءِ وَٱلْأَرْضِ أَمَّن يَمْلِكُ ٱلسَّمْعَ وَٱلْأَبْصَٰرَ وَمَن يُخْرِجُ ٱلْحَىَّ مِنَ ٱلْمَيِّتِ وَيُخْرِجُ
ٱلْمَيِّتَ مِنَ ٱلْحَىِّ وَمَن يُدَبِّرُ ٱلْأَمْرَ ۚ فَسَيَقُولُونَ ٱللَّهُ ۚ فَقُلْ أَفَلَا تَتَّقُونَ ٣١

Olar şonça zatlary ykrar etseler hem Yslama girmediler. Ýogsa, olar Allaha hem ybadat ederdiler. Şu aýatda agzalyşy ýaly:

**"Allah bilen bilelikde hiç zyýan ýa peýda berip bilmejek zatlara ybadat**

**edip, "olar Allahyň öňünde biziň şepagatçylarymyzdyr" diýerler"** (Ýunus 18)

وَيَعْبُدُونَ مِن دُونِ ٱللَّهِ مَا لَا يَضُرُّهُمْ وَلَا يَنفَعُهُمْ وَيَقُولُونَ هَٰٓؤُلَآءِ شُفَعَٰٓؤُنَا عِندَ ٱللَّهِ

Allahdan başga birinden dileg-doga ederdiler, Ondan başgasynyň adyna damak çalardylar, Ondan başgasynyň adyna kasam içerdiler, Ondan başga biri haýyr berip, şeri dep eder diýip ygtykad (ynam) ederdiler. Ata-babalarymyzyň dininden aýrylmarys diýerdiler şu aýatdaky ýaly: **"Haçanda olara: Allahyň inderenine eýeriň, diýilse, ýok ata-babalarymyza eýereris diýdiler, näme eger şeýtan olaryň ata-babalaryny jähennemiň azabyna çagyrsadamy!?"** (Lukman 21)

وَإِذَا قِيلَ لَهُمُ ٱتَّبِعُواْ مَآ أَنزَلَ ٱللَّهُ قَالُواْ بَلْ نَتَّبِعُ مَا وَجَدْنَا عَلَيْهِ ءَابَآءَنَآۚ أَوَلَوْ كَانَ ٱلشَّيْطَٰنُ يَدْعُوهُمْ إِلَىٰ عَذَابِ ٱلسَّعِيرِ ۝

Ynha şu agzalan zatlar üçin olar musulman bolmadylar. Gynansakda, arap müşrikleri keleme şahadadyň hakyky manysyna häzirki köp musulmanlardan dogry we dürs şekilinde düşünipdirler, sebäbi Resulallah (Sallallahu aleýhi we sellem) olary 13 ýyllap diňe şol söze çagyrypdy: **"Lä ilähe illallah" diýiň halas bolarsyňyz"** diýip. Ýöne olar diýmekden ýüz öwürdiler. Eger diýäýseler, Allahdan başga ybadat etmeli zatlaryny taşlamaly bolardylar, şonuň üçin şeýle diýdiler:

**"Näme, hemme ilähleri bir iläh etdimi bu!?"** (Sad 5)

أَجَعَلَ ٱلْأَٰلِهَةَ إِلَٰهًا وَٰحِدًاۖ إِنَّ هَٰذَا لَشَىْءٌ عُجَابٌ ۝

"Lä ilähe illallah" sözüniň manysy "Allahdan başga ybadata hakly, mynasyp hiç bir zat ýok" diýmekdir, muny Kurany Kerimde ençeme aýatlar tassyklaýar, olardan käbirleri:

**"Her bir ymmata "Allaha ybadat edip, ondan başga ybadat edilýän zatlardan daşda duruň" diýip ilçi iberendiris"** (Nahl 36)

وَلَقَدْ بَعَثْنَا فِى كُلِّ أُمَّةٍ رَّسُولًا أَنِ ٱعْبُدُواْ ٱللَّهَ وَٱجْتَنِبُواْ ٱلطَّٰغُوتَۖ

**"Siziň ybadat edýän zatlaryňyzdan men päkdirin. Diňe ýeke-täk meni ýaradandan başgasyndan"** (Zuhruf 26-27)

وَإِذۡ قَالَ إِبۡرَٰهِيمُ لِأَبِيهِ وَقَوۡمِهِۦٓ إِنَّنِي بَرَآءٞ مِّمَّا تَعۡبُدُونَ ٢٦ إِلَّا ٱلَّذِي فَطَرَنِي فَإِنَّهُۥ سَيَهۡدِينِ ٢٧

(Siziň ybadat edýän zatlaryňyzdan men päkdirin) – bu sözlem (lä ilähe) sözüniň manysyny berýär, emma yzyndaky sözlem :

“diňe ýeke-täk meni ýaradandan başgasyndan" – (illa Allah) sözüniň manysyny berýär.

**" Robbuň: “Allahdan başgasyna ybadat etmäň” diýip emir etdi"** (Isra 23)

۞وَقَضَىٰ رَبُّكَ أَلَّا تَعۡبُدُوٓاْ إِلَّآ إِيَّاهُ

**Ybadat** sözüni köp agzadyk welin, ybadat sözi näme diýmek?

Ybadat sözüniň dil taýdan manysy: boýun egmek, tabyn bolmak, diýen edijilik, gulak asyjylyk, kaýyllyk, razylaşyjylyk diýmekligi aňladýar.

Dindäki manysy: öz içine köp zatlary alyp Allahyň her söýýän we razy bolýan zadyna ybadat diýilýär. Ol Allahyň söýýän we razy bolýan zatlary sözler hem bolup bilýär, amallar hem bolup bilýär, ol sözler we amallar aýdyň, aýan hem bolup bilýär, gizlin hem bolup bilýär. Şeýlelikde ybadat 5-e bölünýär:

1) Kalp ybadaty.

Mysal üçin Yhlas (sapniýetlilik), ýeke-täk ýaradyjy we rysk beriji Allah, ýeke-täk ybadata hakly Allah diýip ygtykad etmek, gorky, umyt, söýgi, töwekgellik we başgalar.

2) Dil bilen edilýän ybadatlar.

Mysal üçin, keleme şahadady aýtmaklyk, Kuran okamaklyk, doga-dileg etmeklik, dine çagyrmak, zikir etmeklik we başgalar.

3) Beden bilen edilýän ybadatlar.

Mysal üçin: sežde etmek, rukug etmek, agyz beklemek, haj zyýaratyny

etmek, damak çalmak.

4) Mal-mülk bilen edilýän ybadat.

Mysal üçin zekat bermek, sadaka bermek.

5) Gadagan edilen zatlary taşlamak hem ybadatdyr.

Ýöne Allahyň gadagan edeni üçin taşlamalydyr. Eger biri puly ýok bolany üçin aragy taşlasa onda oňa ybadat diýilmeýär, oňa taşlany üçin hem sogap ýazylmaýar. Hökmany suratda Allahdan gorkusy bolany üçin taşlamalydyr.

Gadagan edilen zatlaryň içine şular girýär:

1) Şirkiň ähli görnüşi

2) Bidgatyň ähli görnüşi

3) Günäleriň ähli görnüşi

Şeýlelik bilen, şu ybadatlaryň haýsysy hem bolsa birini Allahdan başgasyna sarp etmeli däldiris, Allah Tagala şeýle diýýär:

**"Allaha ybadat ediň we oňa hiç bir zady şärik goşmaň"** (Nisa 36)

۞وَٱعۡبُدُواْ ٱللَّهَ وَلَا تُشۡرِكُواْ بِهِۦ شَيۡـٔ

Islendik bir ybadat Allahyň dergähinde kabul bolmaklygy üçin hökmany suratda iki sany şert bolmalydyr:

1) Yhlas (sapniýetlilik) ýagny, şol ybadaty edeniňde Allahyň razylygyndan başga zat islemezlik.

2) Sünnete laýyk gelmeklik, ýagny ybadaty Pygamberimiziň (Sallallahu aleýhi we sellem) öwredişi ýaly hiç hili üýtgetmän, oňa hiç zat goşman, ondan hiç zat kemeltmän berjaý etmeklikdir.

Allah Tagala şeýle diýýär:

**"Siziň haýsyňyz gözel amal edýändigiňizi synag etmek üçin, ölümi we ýaşaýyş ýaradan"** (Tebärek 2)

ٱلَّذِى خَلَقَ ٱلْمَوْتَ وَٱلْحَيَوٰةَ لِيَبْلُوَكُمْ أَيُّكُمْ أَحْسَنُ عَمَلًاۚ

Fudeýl ibn Iýýad -Rahmetullahi aleýhi- "**gözel amal**" nähili amal diýlip soralanda, şeýle diýýär: **"Ýalňyz Allahyň razylygy üçin bolup, sünnete laýyk gelen amal gözel amaldyr".**

Ynsan öz Robbi bolan Allaha ybadat edende şu üç zat jemlenmelidir:

1) Umyt - ýagny, şu amalym kabul bolup, Allah maňa sogap berer diýip umyt etmeklik.

2) Gorky- gadaganlyklary edäýmäýin diýip, elmydama Allah seni görüp durandygyny unutmazlyk.

3) Söýgi - ýagny, ybadat edeniňde ýa-da gadagan edilen zatlary taşlanyňda söýgi bilen etmeklik. “Näme muny buýurdy, näme üçin bu zady gadagan etdi” diýip närazylyk görkezmezlik.

Eger bir amala ybadat diýjek bolsak, şol amaly Allahu Tagala ýa-da Resulallah (Sallallahu aleýhi we sellem) buýran bolmalydyr. Sebäbi, ybadat Allaha golaýlaşdyrýan zatdyr. Islendik amala ýa-da söze ybadat diýip bilmeris.

Ýöne bellemeli zat, käbir aslynda ybadat bolmadyk amallar niýet sebäpli ybadata öwrülip biler. Mysal üçin iýip-içmeklik, aslynda bu ybadat däl, ýöne namaz okamak üçin bedenimi kuwwatlandyrjak diýip niýet etse, eýýäm ol ybadata öwrüler ýa-da işlemeklik, gazanç etmeklik Pygamberimiz (Sallallahu aleýhi we sellem) haramdan gaçyp, diňe halal ýollar bilen gazanç et diýen buýrugy sebäpli işleýän diýse, eýýäm bu ybadat bolup sogap gazanar.

Tersine alsak hem edil şolar ýaly: iýmeklik aslynda halal, eger biri günä iş üçin bedenini kuwwatlandyrjak diýse, eýýäm iýmeklik oňa günä bolýar.

Şeýlelik bilen musulman doganlar, ybadatyň nämedigine düşünen bolsak, onuň hiç birini hem Allahdan başgasyna sarp etmek bolýan däldir.

# Bismillähirrohmänirrohyým

# “Lä ilähä illallah” sözüniň şertleri.

Allah Tagala Äli-Ymron süresiniň 18-nji aýatynda şeýle diýýär:

**"Adalatlygy dikeldýän Allah özünden başga (hak) ilähiň ýokdugyna şaýatlyk etdi, perişdeler we ylym eýeleri hem şaýatlyk etdiler"**

شَهِدَ ٱللَّهُ أَنَّهُۥ لَآ إِلَٰهَ إِلَّا هُوَ وَٱلْمَلَٰٓئِكَةُ وَأُو۟لُوا۟ ٱلْعِلْمِ قَآئِمًۢا بِٱلْقِسْطِ ۚ لَآ إِلَٰهَ إِلَّا هُوَ ٱلْعَزِيزُ ٱلْحَكِيمُ ١٨

Abdurrahman Es-Sagdiý (Rahymehullah) şu aýatyň tefsirinde (aýaty düşündirende) şeýle diýdi:

**"Şu aýat tewhyd ylmynyň iň şerifli (abraýly) ylymdygyny aňladýandyr, sebäbi Allah Tagala özüni şaýat edip getirdi we ýaradylanlaryň içinde aýratyn bolanlara (perişdelere we ylym eýelerine) şaýatlyk etdirdi, anyk ylmyň bolman we berk ynanjyň bolman şaýatlyk edilmez"**

Bular ýaly uly ähmiýete eýe bolan sözüň şertleri barmyka?

Talap edýän zatlary, hak-hukuklary nämekä?

Ýa-da ýöne diliňde aýdanyň ýetikmi-kä?

Elbetde "Lä ilähe illallah" sözüniň şertleri, talap edýän zatlary we hak-hukuklary bardyr, olary öwrenip amal etmeklik her bir musulmanyň borjudyr. Sebäbi bu söz ynsany otdan alyp galyp, Jennete saljak sözdür, şonuň üçin bu söz örän uly ähmiýete eýedir.

Şeýhul-Yslam Ibnu Teýmiýýe (Rahymehullah) şeýle diýdi:

**"Bu sözüň gadyr-gymmatlygy, aýratynlygy, hakykaty we dindäki orny wasp edijileriň waspyndan has ýokardadyr, bilýänleriň biliminden has ýokardadyr we ol söz hemme işiň başydyr (çür depesidir)."**

Bular ýaly uly aýratynlyga eýe bolan sözi diňe dilde aýdyp, şertlerini ýerine ýetirmezligiň ynsan üçin hiç-hili peýdasy ýokdur.

Tabygyn Wehb Ibn Munebbihden (Rahymehullah):

**“Lä ilähe illallah Jennetiň açary dälmi?”** diýip soranlarynda, ol: **"Hawa jennetiň açary, ýöne her bir açaryň hökmany suratda dişleri bolýandyr, egerde dişli açar bilen açsaň açylar ýogsa açylmaz"** diýip jogap beripdir. ("Elmatolib El-Aliýe" Ibn Hajar, 3/254).

Ýagny, ol sözüň şertleriniň bardygyna yşarat edýär.

Şaýatlyk etmek üç zady öz içine alýar:

1) Gürleýän zadynyň manysyna düşünip, berk ynanmaklyk.

2) Şahadany diliňde aýtmaklyk.

3) Beýlekilere habar berip yglan etmeklik, ýagny, şaýatlyk edýänçi öz şaýatlygyny başgalara bildirmelidir. Ýagny “Allahdan başga ybadata hakly hiç bir zadyň ýokdugyna berk ynanýaryn, dilimde aýdýaryn we beýlekilere habar berýärin” ynha şu şaýatlyk diýmek. Giňişleýin düşündiremizde "Lä ilähe illallah" sözüniň 9 sany şerti bardyr, olar:

1) Aýtmaklyk, diliňde gürlemek.

2) Ylmyň bolmak.

3) Berk, çuňňur ynançly bolmak.

4) Kabul etmek.

5) Boýun egmek, tabyn bolmak.

6) Dogruçyl bolmak.

7) Sapniýetli bolmak (yhlas).

8) Söýgi bildirmek.

9) Allahdan başga ybadat edilýän zatlardan ýüz öwürmek.

# “Lä ilähe illallah” sözüniň birinji şerti.

## 1-Aýtmaklyk, diliňde gürlemek

Ýagny, biri "Lä ilähe illallah" sözüniň manysyna düşünse we hakdygyny kalbynda ykrar etse, emma dilinde aýtmasa ol sözüň oňa peýdasy ýokdur. Sebäbi Pygamberimiziň (Sallallahu aleýhi we sellem) agasy Ebu Talyp ölüm ýassygynda ýatyrka oňa şeýle diýýär:

**"Lä ilähä illallah diý! Kyýamat gününde seniň tarapyňda şaýatlyk edeýin"** (Muslim 25)

**"قُلْ لا إِلَه إِلَّا اللهُ أَشْهَدُ لَكَ بِهَا يَوْمَ القِيَامَةِ"**

Emma Ebu Talyp aýtmakdan ýüz öwürýär, ýogsa ol kalbyndan ynanýardy Yslamyň hakdygyna, onuň şeýle diýen sözleri bar:

“Dinleriň içinde Muhammediň dininiň iň haýyrlysydygyny bildim”

Ýöne kalbynda bilse-de, "Lä ilähe illallah" kelimäni dilinde aýtmady, Allahyň resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) gaty gynanýar, şonda Allah şu aýaty inderýär:

**"Sen söýeniňe hidäýet (dogry ýol) berip bilmersiň, emma Allah islänine hidäýet berer"** (Kysoos 56)

**إِنَّكَ لَا تَهْدِى مَنْ أَحْبَبْتَ وَلَٰكِنَّ ٱللَّهَ يَهْدِى مَن يَشَآءُ**

Başga-da Pygamberimiz (Sallallahu aleýhi we sellem) ençeme hadyslarda "Lä ilähe illallah" kelimäni diliňde aýtmaklyga yşarat edendir, olardan:

**“Kim “Lä ilähe illallah” diýip, Allahdan başga ybadat edilýän zatlara ynanmasa (inkär etse), onuň gany(na), maly(na degmek) haram bolar we onuň hasaby Allahadyr”** (Muslim 23)

**"مَنْ قَالَ لَا إِلَهَ إِلّا اللهُ وَكَفَرَ بِمَا يُعْبَدُ مِنْ دُونِ اللهِ حَرُمَ مَالُهُ وَدَمُهُ وحِسابُهُ عَلَى اللهِ"**

**"Kimiň soňky sözi "Lä ilähe illallah" bolsa, ol Jennete girer"** (Ebu Dawud/ El-Elbäni sahyh diýdi)

**"مَنْ كَانَ آخِرُ كَلامِهِ لا إِلَهَ إِلا اللَّهُ دَخَلَ الْجَنَّةَ"**

# “Lä ilähe illallah” sözüniň ikinji şerti

2 - Ylmyň bolmak.

Allah Tagala şeýle diýýär:

**"Allahdan özge (dileg edip) çagyrýanlaryňyz size şepagat edip bilmez. Diňe ylym bilen hakykata şaýatlyk edenler, elbetde (şepagata ýeterler)"** (Zuhruf 86)

وَلَا يَمۡلِكُ ٱلَّذِينَ يَدۡعُونَ مِن دُونِهِ ٱلشَّفَٰعَةَ إِلَّا مَن شَهِدَ بِٱلۡحَقِّ وَهُمۡ يَعۡلَمُونَ ٨٦

Manysy:

Nämä şaýatlyk edýänlerini kalplary bilen bilip, ýagny, ylym esasynda haka "Lä ilähe illallah" kelimesine şaýatlyk edenler.

Başga aýatda şeýle diýýär:

**"Allahdan başga (hak) ilähiň ýokdugyny bilginiň"** (Muhammet 19)

فَٱعۡلَمۡ أَنَّهُۥ لَآ إِلَٰهَ إِلَّا ٱللَّهُ

Osman ibn Affan (Allah ondan razy bolsun) Pygamberiň (Sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýenini habar berýär:

**"Kim Allahdan başga (hak) ilähiň ýokdugyny bilip (ylmy bolup) dünýäden ötse, ol Jennete girer”** (Muslim)

"مَنْ مَاتَ وَهُوَ يَعْلَمُ أَنَّهُ لاَ إِلٰهَ إِلاَّ اللهُ دَخَلَ الْجَنَّةَ"

Ýagny, her bir musulmana bu sözüň manysyny öwrenmek hökmandyr.

# “Lä ilähe illallah” sözüniň üçünji şerti.

3- Berk, çuňňur ynançly bolmak.

Ýagny, bu şertiň manysy:

"Lä ilähe illallah" sözünden düşünen zadyňa hiç-hili kalbyňda şübhe bolman, onuň manysynyň hakdygyna berk ynanmaklyk.

Allah Tagala "Hujurot" süresiniň 15-nji aýatynda şeýle diýýär:

**"Takyk (hakyky) möminler Allah we Onuň ilçisine iman getiren, soň (imanlarynda hiç hili) şek-şübhä düşmezden Allahyň ýolunda emläkleri we janlary bilen söweşen kişilerdir. Olar dogruçyllaryň hut özleridir"**

**إِنَّمَا ٱلْمُؤْمِنُونَ ٱلَّذِينَ ءَامَنُوا۟ بِٱللَّهِ وَرَسُولِهِۦ ثُمَّ لَمْ يَرْتَابُوا۟ وَجَٰهَدُوا۟ بِأَمْوَٰلِهِمْ وَأَنفُسِهِمْ فِى سَبِيلِ ٱللَّهِ ۚ أُو۟لَٰٓئِكَ هُمُ ٱلصَّٰدِقُونَ ١٥**

Ebu Hureýradan (Razyýallahu anhu) Muslimiň habar beren hadysynda Pygamberimiz (sallalllahu aleýhi wesellem) şeýle diýýär:

**"Bir gul (adam) "Allahdan başga (hak) ilähiň ýokdugyna we men hem onuň rasulydygyna şaýatlyk edýärin" diýip, şu iki şaýatlygyna hiç-hili şübhelenmän Allaha duşsa, ol Jennete girer"**

**"أَشْهَدُ أَنْ لَا إِلَهَ إِلَّا اللهُ وَأَنِّي رَسُولُ اللهِ, وَلَا يَلْقَى اللهَ بِهِمَا عَبْدٌ غَيْرَ شَاكٍّ فِيهِمَا إِلَّا دَخَلَ الجَنَّةَ"**

Ýene-de Muslim Ebu Hureýradan, Pygamberimiziň (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdanyny habar berýär:

**"Şu diwaryň arkasynda kalbynda berk ynanç bolup Allahdan başga (hak) ilähiň ýokdugyna şaýatlyk edene gabat gelseň, ony Jennet bilen buşla"**

**"مَنْ لَقِيْتَ مِنْ وَرَاءَ هَذَا الحَائِطَ يَشْهَدُ أَنْ لَا إِلَهَ إِلَّا اللهُ مُسْتَيْقِنًا بِهَا قَلْبُهُ فَبَشِّرْهُ بِالجَنَّةِ"**

# “Lä ilähe illallah” sözüniň dördünji şerti

4 – Kabul etmek.

Ýagny, bu sözüň talap edýän zatlaryny (buýruklayny we gadaganlyklaryny) kalbyň we diliň bilen kabul etmeklik.

"Saffat" süresiniň 35-36-njy aýatlarynda Allah Tagala şeýle diýýär:

**"Haçanda olara Allahdan başga (hak) iläh ýok diýlende ulumsylyk etdiler. Däli şahyr üçin biz näme ilählerimizi taşlalymy? diýýärler".**

إِنَّهُمْ كَانُوٓاْ إِذَا قِيلَ لَهُمْ لَآ إِلَٰهَ إِلَّا ٱللَّهُ يَسْتَكْبِرُونَ ٣٥ وَيَقُولُونَ أَئِنَّا لَتَارِكُوٓاْ ءَالِهَتِنَا لِشَاعِرٍ مَّجْنُونٍ

Şu aýatyň tefsirinde Abdurrahman Sagdiý (Rahymehullah) şeýle diýýär:

**"Olar (muşrikler) bu söze çagyryldylar we Allahdan başgasyna bolan ybadaty terk etmek hem olara buýruldy, emma olar muny etmäge ulumsylyk etdiler we muny diýene garşy hem ulumsylandylar"**

Buhary we Muslimiň Ebu Musa El-Aşarydan (Razyýallahu anhu) habar beren hadysynda, Pygamberimiz (Sallallahu aleýhi we sellem) dogry-hak hidäýet ýoly kabul edenleriň mysalyny berýär, olary edil ýagmyr ýagan topragyň gök ot-ösümlikleri çykaryşy bilen deňeýär we kabul etmeýänleriň mysalyny berýär, olary gurak, şor topraga meňzedip, ol ýeriň näçe ýagyş ýagsa-da hiç-hili miwe-ösümlik bermeýänini aýdýar.

Şeýlelik bilen, musulman adam, Allahyň haram diýen zatlaryny haram bilip, halal diýen zatlaryny halal diýip kabul etmelidir.

# “Lä ilähe illallah” sözüniň bäşinji şerti

5 – Boýun egmek, tabyn bolmak.

Ýagny, ylmyny bilip kabul eden zatlaryňy amala geçirmeklik.

Beýik Allah "Lukman" süresinň 22-nji aýatynda şeýle diýýär:

**"Kim muhsin bolup (Allahy birläp), özüni Allaha boýun egdirse, şek-şübhesiz ol ynamödeýji halka berk ýapyşandyr".**

وَمَن يُسۡلِمۡ وَجۡهَهُۥٓ إِلَى ٱللَّهِ وَهُوَ مُحۡسِنٞ فَقَدِ ٱسۡتَمۡسَكَ بِٱلۡعُرۡوَةِ ٱلۡوُثۡقَىٰۗ وَإِلَى ٱللَّهِ عَٰقِبَةُ ٱلۡأُمُورِ

Sagdiý (Rahymehullah) şu aýatyň tefsirinde şeýle diýýär:

**"Kim şerigata (dine) laýyk amallar bilen özüni Allahyň öňünde boýun egdirse, Oňa tabyn etse ol ynamödeýji halkadan (ýüpden) ýapyşdygydyr, ondan kim ýapyşsa ynamlylyk gazanar, nejat tapar, heläkçilikden aman bolar we hemme haýyry gazanar"**

Tabari (Rahymehullah) öz tefsirinde ibn Abbasyň (Razyýallahu anhumä) "**ynamödeýji halka**" - "lä ilähe illallah"-dyr diýen sözüni getirýär.

Allah Tagala aýtdy:

**"Size azap gelmezden öň (toba edip) Perwerdigäriňize ýöneliň we Oňa boýun boluň!"** (Zumer 54)

وَأَنِيبُوٓاْ إِلَىٰ رَبِّكُمۡ وَأَسۡلِمُواْ لَهُۥ مِن قَبۡلِ أَن يَأۡتِيَكُمُ ٱلۡعَذَابُ ٥٤

Allah Tagala aýtdy:

**"Allah we Onuň pygamberi bir zat hakda höküm çykaranyndan soň, hiç bir mömin erkegiň we zenanyň ony öz isleglerine görä saýlamak haklary ýokdur. Kim Allaha we Onuň ilçisine boýun bolmasa, ol dogry ýoldan azaşandyr."** (Ahzab 36)

وَمَا كَانَ لِمُؤۡمِنٖ وَلَا مُؤۡمِنَةٍ إِذَا قَضَى ٱللَّهُ وَرَسُولُهُۥٓ أَمۡرًا أَن يَكُونَ لَهُمُ ٱلۡخِيَرَةُ مِنۡ أَمۡرِهِمۡۗ وَمَن يَعۡصِ ٱللَّهَ وَرَسُولَهُۥ فَقَدۡ ضَلَّ ضَلَٰلٗا مُّبِينٗا ٣٦

# “Lä ilähe illallah” sözüniň altynjy şerti

## 6 - Dogruçylyk (Çynyň bilen etmeklik, sadyk bolmaklyk)

Allah “Ankebut” süresiniň 2-nji aýatynda şeýle diýýär:

**“Adamlar “iman etdik” diýenleri bilen synag edilmän goýularlar öýtdülermi?!”**

أَحَسِبَ ٱلنَّاسُ أَن يُتۡرَكُوٓاْ أَن يَقُولُوٓاْ ءَامَنَّا وَهُمۡ لَا يُفۡتَنُونَ ٢

Es-Sagdiý (Rahymehullah) öz tefsirinde şeýle diýýär:

**“Her bir özüne mömin diýip, özüni musulman hasaplan kişi synaglardan aman galmagy, Allahyň kämil hikmedine dogry gelýän däldir, şeýle hem imanyna we dinine pitjiň, şek-şübhe atylman sag-salamatlylykda bolmaklygy hikmede laýyk gelýän däldir. Sebäbi, eger şeýle bolan bolsa dogruçyl iman edeni, kiçidilden, ýasama iman edenden tapawutlandyryp bolmazdy. Şonuň üçin öňki ymmatlary synag edişi ýaly Beýik Allah şu ymmaty hem synag etjekdir.**

**Şatlyk – gam-gussa,**

**Kynçylyk – ýeňillik,**

**Höwessizlik – joşgunlyk,**

**Baýlyk – garyplyk,**

**Şu zatlaryň hemmesi bilen adam-ogly synag ediljekdir.”**

**"Ynsanlaryň arasynda, ynanmasalar hem: «Biz Allaha we ahyret gününe iman getirdik» diýýänler bardyr. Olar Allahy we iman getirenleri aldaýandyrys (öýdýärler). Emma olar (diňe) özlerini aldaýarlar we (muňa özleri hem) duýmaýarlar. Olaryň kalplarynda hassalyk (ikiýüzlülik) bardyr. Allah olaryň (bu) hassalyklaryny artdyrdy. Ýalan sözländikleri üçin olara elhenç azap bardyr."** (Bakara 8-10)

وَمِنَ ٱلنَّاسِ مَن يَقُولُ ءَامَنَّا بِٱللَّهِ وَبِٱلۡيَوۡمِ ٱلۡأٓخِرِ وَمَا هُم بِمُؤۡمِنِينَ ٨ يُخَٰدِعُونَ ٱللَّهَ وَٱلَّذِينَ ءَامَنُواْ وَمَا
يَخۡدَعُونَ إِلَّآ أَنفُسَهُمۡ وَمَا يَشۡعُرُونَ ٩ فِي قُلُوبِهِم مَّرَضٞ فَزَادَهُمُ ٱللَّهُ مَرَضٗاۖ وَلَهُمۡ عَذَابٌ أَلِيمُۢ بِمَا كَانُواْ
يَكۡذِبُونَ ١٠

Buhary we Muslimiň Enesden (Allah ondan razy bolsun) habar beren

hadysynda, Pygamberimiz (Sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýýär:

**“Her bir kalbyndan (tüýs ýürekden, çyn ýürekden) Allahdan başga (hak) iläh ýokdugyna we Muhammet Onuň ilçisidigine şaýatlyk edeni Allah ol kişini oda (ýakmaklygyny) gadagan edendir”.**

**"مَا مِنْ أَحَدٍ يَشْهَدُ أَنْ لَا إِلَهَ إِلَّا اللهُ وَأَنَّ مُحَمَّدًا عَبْدُهُ وَرَسُولُهُ صِدْقًا مِنْ قَلْبِهِ إِلَّا حَرَّمَهُ اللهُ عَلَى النَّارِ"**

# “Lä ilähe illallah” sözüniň ýedinji şerti

## 7 - Yhlas (Sapniýetlilik)

Allah Tagala aýtdy:

**“Elbet-de, Biz saňa bu kitaby hak (dogry zatlar) bilen inderdik. Sen dini (ybadatlary) ýalňyz Allaha degişli edip, yhlas bilen Oňa ybadat et”**(Zumer 2)

**إِنَّآ أَنزَلْنَآ إِلَيْكَ ٱلْكِتَٰبَ بِٱلْحَقِّ فَٱعْبُدِ ٱللَّهَ مُخْلِصًا لَّهُ ٱلدِّينَ ،**

Yhlas – her bir edýän ybadatyňda, içgin bolsun, daşgyn bolsun, ol ybadatyň parzy berjaý etmek bolsun (meselem namaz) ýa-da haramlygy taşlamak bolsun (meselem zyna) tapawudy ýok, hemmesinde ýeke-täk Allahyň razylygyny islemeklikdir we şol islegiňe hiç bir zady gapdalyndan garmazlyk, adamlaryň öwgüleri bolsun ýa-da dünýä bähbidi bolsun. Ynha şuňa yhlas diýilýär.

Pygamberimiz (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy:

**“Kyýamat gününde meniň şefagadym bilen bagtly boljak adam “Lä ilähe illallah” sözüni halys kalbyndan aýdan kişidir”** (Buhary)

**"أَسْعَدُ النَّاسِ بِشَفَاعَتِي مَنْ قَالَ لَا إِلَهَ إِلَّا اللهُ خَالِصًا مِنْ قَلْبِهِ"**

**“Allahyň didaryny isläp “Lä ilähe illallah” diýen kişä Allah ody (oňa degmegini) gadagan edendir”** (Buhary we Muslim)

**"إِنَّ اللهَ حَرَّمَ عَلَى النَّارِ مَنْ قَالَ لَا إِلَهَ إِلَّا اللهُ يَبْتَغِي بِذَلِكَ وَجْهَ اللهِ عَزَّ وَجَلَّ"**

Mälim bolşy ýaly, Jennetdäkiler Allahyň didaryna, jamalyna seredip lezzet aljakdyrlar, Allah bizi şolardan eýlesin!

Hafiz Ibn Rajeb (Rahymehullah) aýtdy:

**“Riýa edýän (ýaradylanlaryň gözi üçin amal edýän) kişi Ýaradanyň beýikliginden nadan bolany sebäpden başga hiç bir sebäpli riýa edýän däldir.”** Jämigul-ulum wel-hikem 2/316

# “Lä ilähe illallah” sözüniň sekizinji şerti

## 8 - Söýmek

Ýagny, bu sözi, onuň aňladýan manylaryny we ol sözüň eýelerini, hak ýoldaky bolan musulmanlary söýmeklik. Beýik Allah şeýle diýýär:

**“Ynsanlaryň käbiri Allahdan başgalaryny hem Oňa deň tutup, olary, göýä, Allahy söýýän ýaly söýýärler. (Emma) iman edenleriň Allaha bolan söýgüsi olaryňkydan has güýçlüdir”**(Bakara 165)

وَمِنَ ٱلنَّاسِ مَن يَتَّخِذُ مِن دُونِ ٱللَّهِ أَندَادًا يُحِبُّونَهُمْ كَحُبِّ ٱللَّهِ ۖ وَٱلَّذِينَ ءَامَنُوٓا۟ أَشَدُّ حُبًّا لِّلَّهِ ۗ ١٦٥

Buhary we Muslim Enesden (Allah ondan razy bolsun) habar beren hadysynda Pygamberimiz (Sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýýär:

**“Kimde şu üç zat bar bolsa, onda ol imanyň tagamyny dadandyr, (olar):**

**1 – Allahy we Onuň Resulyny hemme zatdan we hemme kişiden beter söýmek,**

**2 – Bir kişini söýseň diňe Allah üçin söýmek,**

**3 – Allah birini kufrden çykarandan soň oňa dolanyp barmakdan göýä oda zyňylmakdan gorkuşy ýaly gorkmaklyk.”**

**ثَلَاثٌ مَنْ كُنَّ فِيهِ وَجَدَ بِهِنَّ حَلَاوَةَ الإِيْمَانَ :أَنْ يَكُونَ اللهُ وَرَسُولُهُ أَحَبَّ إِلَيْهِ مِمَّا سِوَاهُمَا، وَأَنْ يُحِبَّ الْمَرْءُ لَا يُحِبُّهُ إِلَّا للهِ، وَأَنْ يَكْرَهَ أَنْ يَعُودَ فِي الْكُفْرِ بَعْدَ أَنْ أَنْقَذَهُ اللهُ مِنْهُ كَمَا يَكْرَهُ أَنْ يُقْذَفَ فِي النَّارِ**

Allahy söýmeklik şular ýaly manylary öz içine alýar:

1) Allahy söýüşiň ýaly hiç kimi söýmezlik.

2) Onuň buýruklaryny we gadaganlyklaryny hemme zatdan öňe geçirmek.

3) Onuň söýenlerini söýmek.

4) Onuň ýigreneni ýigrenmek.

5) Eger biri Allahyň buýranyny gadagan etse, ýa-da gadagan edenini buýursa, oňa boýun bolmazlyk.

# “Lä ilähe illallah” sözüniň dokuzynjy şerti

## 9 - Tagutlara (Allahdan başga ybadat edilýän zatlara) ynanmazlyk.

Öňki döwürlerden bäri adam-oglunyň käbiri daş, agaç, toprak, her hili heýkeller, butlar ýaly zatlara ybadat edipdirler. Käbiri bolsa perişdelere, pygamberlere we öwliýa-salyh adamlara ybadat edipdirler. Yslam gelip bularyň birisini hem tapawutlandyrman, barsyny gadagan edendir. Allah Tagala şeýle diýdi:

**“Kim taguta ynanmasa we Allaha iman etse ol berk ýüpden ýapyşandyr”** (Bakara 256)

فَمَن يَكۡفُرۡ بِٱلطَّٰغُوتِ وَيُؤۡمِنۢ بِٱللَّهِ فَقَدِ ٱسۡتَمۡسَكَ بِٱلۡعُرۡوَةِ ٱلۡوُثۡقَىٰ ٢٥٦

Hadysda Pygamberimiz (Sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýýär:

**“Kim “Lä ilähe illallah” diýip, Allahdan başga ybadat edilýän zatlara ynanmasa (inkär etse), onuň gany, maly (başgalara) haram bolar we onuň hasaby Allahadyr”** (Muslim)

"مَنْ قَالَ لَا إِلَهَ إِلَّا اللهُ وَكَفَرَ بِمَا يُعْبَدُ مِنْ دُونِ اللهِ حَرُمَ مَالُهُ وَدَمُهُ وَحِسَابُهُ عَلَى اللهِ"

Indi taguta ynanmazlyk näme zatlary öz içine alýar? Hökmany suratda musulman adam taguta ynanmazlygy:

1 – kalbynda, ygtykadynda,

2 – sözünde,

3 – amalynda görkezmelidir.

Musulman adam dilinde Allahdan başga “hudaý” ýok diýip,

1) Allahdan başgasyna ýalbaryp, ýykylyp doga etse,

2) Ondan başgasynyň adyna damak çalsa,

3) Ondan başgasyndan perzent, şypa dilese,

4) Ondan başgasynyň adyna sadaka berse,

Şular ýaly zatlary etse, onuň “Allahdan başga “hudaý” ýok” diýmeginden ne peýda?!

Ýagny, şirk bilen tewhyd hiç wagt birleşmeýär, hökmany suratda “Allah

ýeke” diýdiňmi, şol sözüňi bozujy zatdan, ýagny, şirkden daşda durmalysyň.

Şirk diňe “Allahdan başga hudaý bar” diýmek “Ondan başga şirk ýok” diýmeklik ullakan ýalňyşlykdyr.

Şirk – islendik ýeke-täk, ýalňyz Allaha mahsus bolan zady Ondan başgasyna sarp etmeklik, meselem, doga-dilegleri eşitmek, bu wasp Allahdan başgalarda ýokdur, şonuň üçin ol wasp Allahdan başgasyna degişli edilse şirk bolar.

Allah şeýle diýdi:

**“Ondan (Allahdan) başgasyna doga edýänleriňiz “kytmira” (hurmaň gabygy) hem eýeçilik edýän däldirler.Eger olara doga etseňiz, dogalaryňyzy eşitmezler. Eger eşidäýseler hem, jogap berip bilmezler, kyýamat gününde bolsa siziň şirkiňize kapyr bolarlar (inkär ederler).”**

(Fatyr 13-14)

وَٱلَّذِينَ تَدۡعُونَ مِن دُونِهِۦ مَا يَمۡلِكُونَ مِن قِطۡمِيرٍ ١٣ إِن تَدۡعُوهُمۡ لَا يَسۡمَعُواْ دُعَآءَكُمۡ وَلَوۡ سَمِعُواْ مَا ٱسۡتَجَابُواْ لَكُمۡۖ وَيَوۡمَ ٱلۡقِيَٰمَةِ يَكۡفُرُونَ بِشِرۡكِكُمۡۚ ١٤

Beýik tefsir alymy (Kurana düşündiriş beren) Ymam Kurtubi şeýle diýýär:

**“Bularyň içine akly ýoklar, ýagny butlar, hem girýändir, pygamberler, perişdeler we jynlar hem girýändir”**

Şeýlelik bilen, musulman doganlar, **“Lä ilähe illallah”** sözüniň manysy we şertleri baradaky taýynlan gysgaça zatlarymyz tamamlandy. Size peýdaly bolandyr diýip umyt edýäris we Allahdan yhlas dileýäris we sallallahu ala nebiýýinä Muhammed we alä älihi we sahbihi ejmagyýn.